**Türkmenistanyň Bilim ministrligi**

«13» 04 2023ý.
№170

**Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti**

«13» 04 2023ý.
№152-O

**Ýurdumyzyň umumybilim berýän edaralarynda okuwdan daşary köpçülikleýin sport, bedenterbiýe-sagaldyş çärelerini guramak boýunça Gözükdirijini tassyklamak hakynda**

**BUÝRUK**

Ýurdumyzyň umumybilim berýän edaralarynyň okuwçylary bilen okuwdan daşary köpçülikleýin sport, bedenterbiýe-sagaldyş çärelerini Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň we Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň bilelikde guramaklaryny gazanmak maksady bilen,

**B U Ý U R Ý A R Y S:**

1. Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň we Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň "Ýurdumyzyň umumybilim berýän edaralarynda okuwdan daşary köpçülikleýin sport, bedenterbiýe-sagaldyş çärelerini guramak boýunça Gözükdirijisini" tassyklamaly (goşulýar).

2. "Gözükdiriji haty tassyklamak hakynda" Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň we öňki Türkmenistanyň syýahat we sport Döwlet komitetiniň 2000-nji ýylyň 13-nji sentýabryndaky 115-nji buýrugyny güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli.

3. Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň we Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň “Ýurdumyzyň umumybilim berýän edaralarynda okuwdan daşary köpçülikleýin sport, bedenterbiýe-sagaldyş çärelerini guramak boýunça Gözükdirijisiniň” dogry ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Bilim ministriniň orunbasary A.Amanow, Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň orunbasary P.Agaýew gözegçilik etmeli.

| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň Bilim ministri** | **Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň başlygy** |
| **G.Ataýewa** | **G.Agamyradow** |

**Taýýarlady:**
Komitetiň Bedenterbiýe we köpçülikleýin
sport çärelerini guramak bölümi

**Ylalaşdylar:**

Türkmenistanyň Bilim
ministriniň orunbasary
__________A.Amanow

Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport
baradaky döwlet komitetiniň
başlygynyň orunbasary
__________P.Agaýew

**Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň,**
**Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport**
**baradaky döwlet komitetiniň 2023-nji ýylyň**
**13-nji aprelindäki 170 152-O**
**belgili buýruklary bilen tassyklanyldy**

**Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň we Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň ýurdumyzyň umumybilim berýän edaralarynda okuwdan daşary köpçülikleýin sport, bedenterbiýe-sagaldyş çärelerini guramak boýunça**

# GÖZÜKDIRIJISI

## I bap. Umumy düzgünler

1. Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň we Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň "Ýurdumyzyň umumybilim berýän edaralarynda okuwdan daşary köpçülikleýin sport, bedenterbiýe-sagaldyş çärelerini guramak boýunça Gözükdirijisi" (mundan beýläk – Gözükdiriji) 2021-nji ýylyň 5-nji iýunynda rejelenen görnüşde kabul edilen "Bilim hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna hem-de 2020-nji ýylyň 22-nji awgustynda kabul edilen "Bedenterbiýe we sport hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy.

2. Şu Gözükdiriji ýaş nesilleriň, çagalaryň okuwdan boş wagtlaryny mekdep sporty bilen meşgullanmaga sarp etmegini guramak, mekdep okuwçylarynyň arasynda dürli derejedäki ýaryşlary geçirmek hem-de umumybilim berýän edaralarynda bedenterbiýe we sport işlerini kämilleşdirmek, ýurdumyzda hereket edýän sport mekdepleriniň tälimçi-mugallymlarynyň orta mekdeplerdäki bedenterbiýe mugallymlary bilen ysnyşykly işläp, sporta höwesli çagalaryň sport bilen meşgullanmaklaryny höweslendirmek maksady bilen, ýöriteleşdirilen okuw-sport edaralarynyň hem-de umumybilim berýän edaralarynyň, Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň "Türkmenistan" ýaşlar bedenterbiýe-sport guramasynyň ýerine ýetirmeli (amala aşyrmaly) wezipelerini kesgitleýär.

3. Ýöriteleşdirilen okuw-sport edaralarynyň umumybilim berýän edaralarda guraýan okuw-türgenleşikleri okuwçylaryň beden taýdan kämilleşmegine, sagdyn we howpsuz durmuş ýörelgelerini kemala

getirmäge, saglygyny berkitmäge, olaryň boş wagtlaryny guramaga, şeýle hem ýurdumyzda sport ätiýaçlygyny we ýokary derejeli türgenleri taýýarlamaga gönükdirilendir.

4. Ýurdumyzyň umumybilim berýän edaralarynda köpçülikleýin sport we bedenterbiýe-sagaldyş işlerini kämilleşdirmek, bar bolan sport desgalaryny netijeli ulanmak maksady bilen, Türkmenistanyň Bilim ministrligi hem-de Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti, bilim edaralary, şeýle hem bedenterbiýe we sport babatda edara-kärhanalary, guramalary okuwçy ýaşlaryň arasynda bedenterbiýe-sport we sagaldyş işlerini ysnyşykly aragatnaşykda guraýarlar.

5. Umumybilim berýän edaralaryň okuwçylary bilen geçirilýän köpçülikleýin sport we bedenterbiýe-sagaldyş işleriniň ähli görnüşleri okuwdan daşary wagtda umumybilim edaralary hem-de ýöriteleşdirilen okuw-sport edaralary tarapyndan guralýar.

## II bap. Okuwdan daşary sport, bedenterbiýe – sagaldyş çäreleri

1. Köpçülikleýin bedenterbiýe we sport çärelerini guramaçylykly geçirmek maksady bilen, umumybilim berýän edaralaryň mugallymlar geňeşiniň düzüminde Bedenterbiýe boýunça geňeş döredilmeli. Geňeşiň işi mekdep okuwçylarynyň arasynda bedenterbiýäni, sporty köpçülikleýin ösdürmeklige gönükdirilmeli.

2. Bedenterbiýe boýunça geňeş mekdep ýolbaşçysynyň buýrugy bilen döredilýär. Onuň agzalary mekdep mugallymlary we ýokary synp mekdep okuwçylary bolup biler. Geňeşiň işine mekdep müdiriniň terbiýeçilik işleri boýunça orunbasary ýolbaşçylyk etmeli. Geňeşiň düzümine başarnykly guramaçy hökmünde özüni görkezen işjeň okuwçylar girizilip bilner.

3. Umumybilim berýän edaralarda köpçülikleýin sport çärelerini alyp barmaklygyň tertibi we usulyýeti Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary, Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanan usuly gollanmalar we ýörite buýruklar esasynda düzgünleşdirilýär. Okuwdan daşary geçirilýän bedenterbiýe we köpçülikleýin sport işlerini ýerine ýetirmek, bu işleri guramak we geçirmek boýunça ähli zerur şertleri döretmek welaýat, şäher we etrap bilim bölümleri, umumybilim edaralary, bedenterbiýe we sport babatda edara-kärhanalar, guramalar tarapyndan amala aşyrylýar.

4. Bedenterbiýe we sport babatda okuwçylaryň goşmaça biliminiň bilim maksatnamalary ýöriteleşdirilen okuw-sport edaralarynda, şeýle hem

degişli orta hünär we ýokary hünär bilimi edaralarynyň sport binýatlarynda durmuşa geçirilýär.

5. Umumybilim berýän edaralarda okuwdan daşary geçirilýän bedenterbiýe-sagaldyş çäreleri şulardan ybaratdyr:

- Irki önümçilik gimnastikasy – mekdep müdiriniň terbiýeçilik işleri boýunça orunbasary tarapyndan ýolbaşçylyk edilýär. Umumybilim berýän orta mekdebiň bedenterbiýe mugallymlary tarapyndan okuw sapaklaryndan öň guralýar;
- bedenterbiýe arakesmesi – umumybilim berýän orta mekdebiň bedenterbiýe mugallymy tarapyndan uly arakesmelerde dürli hereketli oýunlaryň üsti bilen guralýar;
- bedenterbiýe minutlary – kiçi synp okuwçylary bilen okuw sapaklarynyň dowamynda synp ýolbaşçysy tarapyndan guralýar.
- okuw-türgenleşik sapaklary – ýöriteleşdirilen okuw-sport edaralary tarapyndan okuwdan daşary wagtda guralýar;
- sport ýaryşlary – bedenterbiýe we sport guramalary tarapyndan bedenterbiýe we sport babatda ýerli ýerine ýetiriji häkimiýetiň ygtyýarly edarasynyň bilim babatda ýerli ýerine ýetiriji häkimiýetiň ygtyýarly edarasy bilen ylalaşylan meýilnamasyna laýyklykda geçirilýär;

6. Umumybilim berýän edaralaryň binýadynda döredilen mekdepleriň ýanyndaky dynç alyş meýdançalarynda köpçülikleýin sport, bedenterbiýe-sagaldyş çäreleri – bilim edaralary hem-de bedenterbiýe we sport guramalary tarapyndan olaryň düzgünnamalaryna we wezipe borçlaryna laýyklykda guralýar.

## III bap. Okuwdan daşary sport çärelerini guraýjylar

1. Umumybilim edaralary:

1) Welaýat, Aşgabat şäher, etrap we etrap hukukly şäher derejesinde geçirilýän sport çärelerine gatnaşýan mekdep okuwçylaryny bedenterbiýe we sport babatda edara-kärhanalaryň, guramalaryň ýüztutmalary esasynda bellenen tertipde sapaklaryndan boşatmaly;

2) Umumybilim edaralarynyň ýolbaşçylary okuwdan daşary sport, bedenterbiýe-sagaldyş çäreleriniň guralyşyna bellenen tertipde gözegçilik etmeli, bu çäreleri geçirmäge ýokary synp okuwçylary işjeň çekmeli;

3) Umumybilim edaralarynyň bedenterbiýe mugallymlary arassaçylyk talaplaryny hem-de sport şikesleriniň we betbagtçylykly hadysalarynyň öňüni alyş çärelerini berjaý etmeli, umumybilim berýän orta mekdepleriň binýadynda geçirilýän okuw-türgenleşiklerine okuwçylary

köpçülikleýin çekmäge ýardam bermeli, şeýle hem lukmançylyk gözegçiliginiň öz wagtynda geçirilmegine gözegçilik etmeli;

4) Umumybilim edaralarynyň synp ýolbaşçylary we başlangyç synp mugallymlary öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde okuwçylaryň arasynda okuwdan daşary sport we sagaldyş işlerini geçirmeli;

5) Umumybilim edaralarynyň ýolbaşçylary öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde okuwçylaryň okuwdan daşary bedenterbiýe we sport babatda goşmaça bilimini goldamaly;

6) Ýöriteleşdirilen okuw-sport edaralary, sport guramalary bilen bilelikde mekdep sportuny ösdürmek maksady bilen, okuwdan daşary sagaldyş işlerini guramaly, köpçülikleýin sport, bedenterbiýe-sagaldyş çärelerini yzygiderli geçirmeli;

7) Öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde sportuň görnüşleri boýunça okuw-türgenleşiklerini we beýleki bedenterbiýe-sagaldyş işlerini geçirmek üçin zerur bolan şertleri döretmeli;

8) Etrap, şäher bilim bölümleri, welaýat we Aşgabat şäher Baş bilim müdirligi bilen bellenen tertipde ylalaşylyp, bilim edaralarynyň maddy binýadynda bar bolan sport desgalaryny ýöriteleşdirilen okuw-sport edaralaryna okuw-türgenleşik işlerini geçirmek üçin tölegsiz ulanmaga berkitmeli;

2. Ýöriteleşdirilen okuw-sport edaralary:

1) Umumybilim edaralarynyň okuwçylaryny sagdyn durmuş ýörelgelerine ugrukdyrmaly, sportuň we bedenterbiýäniň kömegi bilen olaryň saglyklaryny berkitmeli, şeýle hem sport bilen meşgullanýan mekdep okuwçylarynyň saýlap alan sportuň görnüşleri boýunça ukyplaryny ösdürmeli;

2) Ýurdumyzyň etraplarynyň, etrap hukukly şäherleriniň her bir orta mekdebinde zerur şertler bar bolan ýagdaýynda, bilim bölümleri bilen bellenen tertipde ylalaşyp, sportuň görnüşleri boýunça okuw-türgenleşiklerini guramaly;

3) Tälimçi okuw-türgenleşik sapaklaryny tölegsiz geçýän döwründe türgenleriň jan-saglygynyň howpsuzlygyna we tertip-düzgüni berjaý etmeklerine gözegçilik etmeli, şeýle hem sport desgasyny aýawly, abat saklamaly we abatlaýyş-bejeriş işlerine kömek etmeli;

4) Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň we Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň arasyndaky degişli ylalaşyk resminamalary esasynda umumybilim edaralarynda bedenterbiýe sapaklarynyň geçirilişi, bu ugurda degişli resminamalaryň ýöredilişi, sport

desgalaryň we meýdançalaryň üpjünçiligi we aýawly saklanylyşy bilen tanyşmaly hem-de usuly kömegini bermeli;

5) Öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde sportuň görnüşleri bilen meşgullanýan mugallymlaryň, okuwçylaryň ata-eneleriniň we uly synp okuwçylaryň arasyndan jemgyýetçilik tälimçilerini we eminlerini taýýarlamaly;

6) Okuwçylar bilen köpçülikleýin sport, bedenterbiýe-sagaldyş çärelerini geçirmek üçin ulanylýan sport desgalarynyň, sport meýdançalarynyň sanyny giňeltmek boýunça degişli işleri alyp barmaly;

3. Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň "Türkmenistan" ýaşlar bedenterbiýe-sport guramasy:

1) Umumybilim edaralarynda bilim alýan ýaşlary ýöriteleşdirilen okuw-sport edaralarynyň agzalygyna çekmeli;

2) Ýaşlary bedenterbiýä we köpçülikleýin sporta giňden çekmek maksady bilen, tele-radio ýaýlymlarda we metbugatda bedenterbiýäniň we köpçülikleýin sportuň, sagdyn durmuş ýörelgeleriniň, mekdep sportunyň ähmiýetini wagyz etmeli, usulyýet, maglumat gollanmalaryny we beýlekileri taýýarlamaly;

3) Umumybilim edaralarynda okaýan ýaşlar we zähmet çekýän işgärler üçin köpçülikleýin sport, bedenterbiýe-sagaldyş çäreleriniň ýeke-täk senenama meýilnamasyny taýýarlamaly hem-de ähli bilim edaralaryna ýaýratmak boýunça degişli işleri geçirmeli;

4) Sportyň milli görnüşleri we halk oýunlary boýunça bedenterbiýe we sport bäsleşiklerini, beýleki meýilnamalaýyn çäreleri, şol sanda çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezlerinde merkezara ýaryşlary geçirmeli;

5) Umumybilim berýän edaralarda bilim alýan ýaşlaryň arasynda köpçülikleýin sporty, bedenterbiýäni ösdürmäge şahsy goşandyny goşýan işjeňleri we okuwçylary hormat hatlary, ýadygärlik sowgatlary bilen sylaglamak, şeýle hem olary degişli merkezi edaralary tarapyndan sylaglanylmagy üçin hödürlemek babatda degişli işleri geçirmeli.